Internet sahypa üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

## *4. BASYM*

**318-nji gönükme.** Bu sözleri birnäçe gezek aýdyp görüň we olaryň iň soňky bognunyň oňdäki bogunlardan batlyrak aýdylýandygyna üns beriň.

Oglan, oglanlar, ädik, adikçi, üzüm, üzümli, üzümçilik, käki-lik, käkilikler, adam, adamlar, adamlardan, Meret, Gurban, otluk, otçular.

Sözleriň belli bir bognunyň batlyrak aýdylmagyna ***basym*** diýilýär.

Türkmen dilinde basym, köplenç, sözleriň soňky bognuna düşýär.

Sözlere goşulmalar goşulanda, basym yza süýşüp, soňky bogna geçýär.

**Meselem:** balyk, balykçy, balykçylar, balykçylardan. Okuw, okuwçylar.

Kitap, kitaply, kitapda. Setir, otur, oturymly.

**319-nji gönükme.** Sözleri göçüriň we basymly bognuň aşagyny çyzyň.

Şöhrat, kömekleş, birinji, doganymyz, günlerimiz, taýýar, beýik, adamlar, parahatlyk, Aşgabat.

**NUSGA:** şöhrat.

**320-nji gönükme.** Göçüriň we has gara ýazylan sözleriň basymyny bellaň.

**Düýeleri ýygnap**, çuwallaryň **köşelerini** ilteşdirdik. Ýolagçylar adaty boýunça **içmeklerimize** çolanyp **gyşaryşdyk**. Gije ýarymdan agandan soň, **günbatar** tarapdan şemal öwüsmäge **başlady**. Gum depeleriniň üstünde gögeren **gandymlar**, ýaş sazaklar suwlaşyp **seslenýär**. Şemal biziň **üstümize** baka gum sowurýar. Düýeler yga **bakyp** çökdi. **Şemalyň** ýiti sowuklygy gara gyşy **ýadyňa** salýar.

(A.Gowsudow, «Dordepel»).

**NUSGA:** Düýeleri ýygnap, çuwallaryň köşelerini ilteşdirdik.

l.Tekstiň temasyny anyklaň we oňa özüňizden sözbaşy tapyň.

2. Teksti mazmuny boýunça iki abzasa bölüň.

**321-nji gönükme.** Göçüriň. Her sözlemiň iň soňky sözüniň aşa-gyny çyzyň we onuň basymysy belläň.

1. Gyşyň güni kyrk tüýsli, kyrkysy-da gylyksyz

2. Biz ýaş küştçüleriň ýaryşyna gatnaşdyk.

3.Awçylaryň magazinden alan zatlary seçme.

4. Sen bu zatlary toweregiňe seçme.

Turkmenkultur...

5. Çopanlaryň bu günki taýýarlan naharynyň ady ýarma.

6. Sen bu garpyzy ýarma.

Birinji sözlemiň — nakylyň manysyny düşündirip beriň.

| |
|---|
| Birnäçe sözlerde basymyň ýeriniň üýtgemegi bilen şol sözleriň manysy hem üýtgeýär.<br><br>**Meselem:** alma, dolama, çatma ýaly sözleriň **-ma, -me** bölegine basym düşse, olar at sözleri bolýarlar. Eger basym **-ma, -me** bölegine düşmese (alma, dolama, çatma), onda olar gymyldyny, hereketi aňladyp, işlik bolýarlar. |

**322-nji gönükme.** Okaň we göçüriň. Has gara ýazylan sözlerde basym goýup çykyň hem-de basymyň üýtgemeginiň söze edýän täsirini aýdyp beriň.

1. Sözlemi ýalňyş **düzme**, çeper eserden görelde al. Bu gün okuwçylar **düzme** ýazdylar.

2. Bu zatlary töwerege **seçme**, belli bir ýerde goý, gerek bolmagy mümkin. Awçy magazinden **seçme** aldy.

3. Jorabyňy **çöwürme**, düzedip goý. Aşyr aga **çöwürme** telpegini geýip, içmek tikmäge oturdy.

4. Zatlaryňy **dolama**, garaşalyň. Myhmanlara **dolama** bişirip berdiler.

5. Donuňy **alma**, onuň geregi ýok, howa maýyl Enem bazardan **alma** aldy.

**323-nji gönükme.** Bu sözleriň basymyny üýtgedip aýdyň we aňladýan manysyny düşündiriň. Her sözüň masynyna degişli bir sözlem düzüp, depderiňize ýazyň.

Çatma, süzme, gaýtalama, garma, ýarma.

* * * *

**324-nji gönükme.**Okaň. Has gara ýazylan sözleriň haýsy bognuna basym düşýändigini aýdyp beriň.

Ýekegapan dagda, çölde **gezýär**. Ol **howply haýwanlaryň** biri. Ýekegapanyň daş **görnüşi** öý doňuzlaryna **meňzeýär**. Ol biziň ýurdumyzda Amyderýanyň boýundaky jeňňelliklerde, **gamyşlyklarda**, Köpetdagda, Etrek we Garrygala töwereklerinde köp duşýar.

Ýekegapanlar köplenç **gijesine** iýmitlenýärler. **Iýmit** tapmadyk wagtlary oba **hojalyk ekinlerine** çozup, **olara** zyýan yetirýärler. **Aýaklarynyň** gysgadygyna, **göwresiniň** agyrdygyna garamazdan, olar çalt ylgaýar. Ene doňuz — mekejin bir **ýylda** iki gezek hem jojuklaýar.

(A. Gylyjow, «Güneşli ülkäniň görki»).

Tekstiň temasy näme hakynda? Ony anyklaň we oňa sözbaşy tapyň.

* * * *

Turkmenkultur.com

**325-nji gönükme.** Göçüriň. Has gara ýazylan sözleriň aşagyny çyzyp, onuň basymyny goýuň. Soňra şol sözüň basymyny üýtgedip, özüňizden düzen sözlemleriňiziň içinde getirip, depderiňize ýazyň.

1. Mugallym okuwçylara asyl sözler bilen **goşulma** hakynda gürrüň berdi.

2. Sen häzir bu paçaklary **dograma**, sygyrlar örüden ikinden geler.

3. Şol görünýän **çatma** çopanlaryň çatmasy.

4. Gowurga goşuljak künjini gaty **gowurma**.

**NUSGA:** Sen ululary gürrüniňe goşulma.

**326-nji gönükme.** Okaň. Ikinji, üçünji abzaslardaky iki we ondan artyk bogunly sözlerde basymyň haýsy bogna düşýändigini aýdyp beriň.

***GAJAR AGANYŇ HEKAÝALARY***

Obanyň ähli çagalary Gajar agany söýýärdiler, ony hormatlaýardylar. Gyşyn-ýazyn Gajar aganyň höwri hem şol çagalar bolýardylar.

Obanyň ähli çagalary onuň töweregine üýşýärdiler we meýlis guraýardylar.

Eger-de Gajar aganyň agzyndan çykan hemme hekaýalar ýazylan bolsady, onda ol içi janly durmuşdan doly, özi hem ýönekeý çeper dil bilen suratlandyrylan ullakan küti bir kitap bolardy. Gajar aganyň garyplar, baýlar hakyndaky, ak ýüreklilik we gara ýüreklilik hakyndaky hekaýalary halkyň deňiz ýaly giň, çylşyrymly durmuşyndan bölekleri şekillendirip, gözüň öňüne getirýärdi.

(A.Gowsadow, «Gajar aga»).

**Hormatlamak** sözüniň manysyny aýdyp beriň we depderiňize ýazyň.

**I.** Basym diýip näma aýdylýar?

Haýsy nomerdäki jogabyň dogrudygyny aýdyň.

1. Sözdäki çekimlileriň biriniň batlyrak aýdylmagyna basym diýilýär.

2. Sözleriň belli bir bognunyň batlyrak aýdylmagyna basym diýilýär.

**II.** Türkmen dilinde basym sözleriň, köplenç, haýsy bognuna düşýär?

1.Sözleriň başky bognuna.

2.Sözleriň ikinji bognuna.

3.Sözleriň soňky bognuna.

4.Sözleriň üçünji bognuna.

**III.** Sözlerde basymyň ornunyň üýtgemegi olaryň manysyny täsir edýärmi?

Turkmenkultur.com

l.Hawa.

2.Ýok.

Jogabyňyzy mysallar arkaly subut ediň.

Turkmenkultur.com